# GOZEL

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
GOZEL

GÖZEL

Gyz garaýşyň üýtgäp gidipdir seniň,
Ýazyp ýetişmedim şanyňa gazal,
Gunça çagyň gülden näzijek teniň,
Gör kimlere nesip edipdir gözel.

Ýöreýrşiň hem önküleňden başgaça,
Uýalmaklyk aýrylypdyr ýüzüňden,
Sözleriň-de ýürekden däl, başga-la,
Kän zatlary okap bolýar gözüňden.

Galmandyr-la sadalykdan nam-nyşan,
Aljyramak ýat bolupdyr dünýäňe,
Ýylgyraňda bolup barýaň betnyşan,
Çapak çalsaň zoraýakdan çaýlaň-a.

Ähli hüý-häsýetiň üýtgäpdir gözel,
Bir uýatsyz päle sataşypsyň sen,
Ýazyp ýetişmedim bir ýagsy gazal,
Indi hem ýazardan ötüşipsiň sen.

Goşgular